Internet sahypa üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# *FRAZEOLOGIK SÖZLÜK*

A

**Aç eşege ýük** — gabarasy uly, agyr.

**Agaç ýuwudan ýaly** — dim-dik bolup somalyp duran adam.

**Aga-gara düşünmek** — ýagşydan-ýamandan seljermek, ýagşy-ýamany saýgarmak,

aň-düşünjäň artmak.

**Agzy bişmek** — bir işe baş goşup aldanmak, şowsuzlyga uçrap çürkenmek, kösenmek.

**Agzy tagam tapmak** — bir zatdan lezzet almak, peýda görmek, nep tapmak.

**Agzyňy ýerden tapan ýaly** — hetdenaşa köp gepleýän, bolgusyz zatlar barada lakgyldap ýörýän.

**Ajy habar** — ölüm-ýitim, howp we ş.m. bilen baglanyşykly habar; şum habar.

**Aňkaň aşmak** — garrap ýa-da agyr ýagdaýa düşüp huşuň gitmek, näme edip näme goýanyny bilmezlir, aljyramak.

**Ara düşmek** — 1. Ylalaşdyrmak maksady bilen aralamak, ýaraşdyrmak, oňuşdyrmak.

2. Gürrüňi bölmek, bir gürrüňiň işiň arasyna goşulmak.

B

**Bagryň köýmek (tütemek, bişmek)** — gaty gynanmak, ýanyp bişmek, hasrat çekmek.

**Bagryňy dilmek (gyýmak)** — örän gynandyrmak, ýiti täsir etmek, agyr degmek.

**Bagt tapmak** — işde, durmuşda üstünlik gazanmak, eşrete etmek.

**Bagtyň açylmak** — eşretli durmuşa ýetmek, işiň ugruna bolmak, işiň rowaçlanmak.

**Bal tutan barmagyny ýalar** — bir işin başynda bolsa, peýdasy ýeter, nepi deger.

**Bäri bakmak** — saglygy gowulaşmak, sagalyp başlamak, sagalmak.

**Bir çukura tüýkürmek** — bir mesele barada sözleşip, belli bir karara gelmek, agyz birikdirmek, şertleşmek.

Ç

**Çaga ýaly** — oýlanman gürleýän, sähel zady göwnüne alýan, tejribesiz, ynanjaň (adam hakda).

**Çala eçiden çatma ýykar, öte eşiden öý** — bir zady doly eşitmän ýa-da düşünmän, anyklaman, başga birine nädogry habar bermek, eşiden gürrüňini bulaşdyryp aýtmak.

Turkmenkultur.

**Çalam-çaş bolmak** — 1. Bulam-bujar, dagynyk, tertipsiz halda bolmak.

2. Aljyraňňy, heläkçilikli halda bolmak, ozüňi ýitirmek.

D

**Damagy dolmak** — agysy tutmak, hamsykmak.

**Daş ýürek** — zalym, rehimsiz, ynsapsyz, naýynsap.

**Daşy jäjek, içi möjek** — içigara, görip, misginsokar.

**Dili gysga** — gürlärligi ýok, utançly, müýnli, etmişli.

**Dürtme gursak** — aýtmasaň, özüňden bilmeýän, düňle, mön.

**Düçşümli bolsun!** — täze gelin edinilende, ýurt gutlananda we ş.m. «bagt getirsin» diýen manyda ulanylýan alkyş.

E

**Egniňi gysmak** — 1. Belli bir netijä gelip bilmeýänligiňi yşarat etmek, alasarmyklygy hereket bilen düşündirmek, ümsüm otur-mak.

2. Nalajedeýin bolmak, özüňe basalyk bermek, biriniň kejine gaýtmazlyk, çydam edip gelmek.

**Egri oturyp, dogry sözleşmek (gepleşmek)** — ýüz görmezlik, hakykaty aýtmaklyk, bolşuny bolşy ýaly aýtmak.

**Ekilmedik ýerde gögermek** — Barmasyz ýere barmak, oturjak-turjak ýeriňi seljermezlik.

**El-aýak ýaly** — ýumuş edegen, ýetişikli.

**Elden-aýakdan düşmek** —özüňi ýitirmek; dady-perýat etmek, nala çekmek, urunmak, elewremek, çarpynmak.

**Elinden dür dökülýär** — ýapyşan işini başarýan, çeper hünärli, başarnykly.

**Eşegiň guýrugy ýere ýetende** — hiç wagt, hiç mahal; durmuşa geçmesi kyň.

G

**Gadyryny bilmek** — ýagşylyga, hormata mynasyp hormat goýmak.

**Ganyň gyzmak** — gaharyň gelmek, gaharlanmak, gazaplanmak.

**Geçiň öň aýagy ýaly** — görünmesiz ýerde görünýän, hemme zatda öňe düşüp ýören.

**Gepi (gepi-sözi) alyşmak** — ümmüldeşip gitmek, agzybir bolmak, dertdeş, pikirdeş, syrdaş bolmak.

**Gepiňi gögertmek** — öz diýeniňi etdirmek, öz aýdanlaryň edilmegini gazanmak, öz pikiriňi geçirmek.

**Giň bolmak** — göwrümiňi giň tutmak, dargursak bolmazlyk, geçirimlilik etmek.

Turkmenkultur.

**Göz acyp-ýumasy salymdy** — Çalt, dessine, basym.

**Göz bilen gaşyň arasynda,..** — göz-görtele, duýdansyz, oslagsyz.

**Göz-gulak bolmak** — 1. Habardar, seresap bolmak.

2. Seredip durmak, göz gezdirip, seretmek.

3. Gözden salmazlyk, garaşyk etmek.

**Göze-başa düşmek** — ikibaka alakjamak, zowzuldap ýürege düşmek, irizmek.

H

**Habar gatmak** — gürrüň açmak, söz aýtmak.

**Hasaňy aldyrmak** — aldawa düşmek, pyrryldaga düşmek( aldanmak.)

**Hötde (hötdesinden) gelmek** — başarmak, oňarmak.

**Haý-küş etmek (diýmek)** — ýuwaş, akylly bol diýmek, galawut bermek, örüzmek.

l

**Içi-içine sygmazlyk** — gaharlanmak, gahar-gazaba münmek.

**Iki at depişer arasynda eşek öler** — güýçlüler çaknyşsa, ejiz heläk bolar.

**Iki garpyz bir elde tutdurmaz** — birbada iki zada ýetişip bolmaz, şol bir wagtda dürli-dürli işi edip bolmaz.

**iýeni aýry gitmezlik** — ýakyn dostluk gatnaşygynda bolmak ýuürekdeşlik bilen gatnaşmak, syr alyp, syr berişmek.

J

**Jana dözmek** — güýç gaýgyrmazlyk, elinde baryny etmek, janyňy emgemek, owarram etmek.

**Jandan umyt üzmek** — ýaşaýşa bolan ynamyň gaçmak, dirilikden tama ýolunmak, ölmek.

**Jähennem etmek** — 1. ýok etmek, owarra, ýitirim etmek.

2. Başdan sowmak, haýyr-şerinden geçmek, owarram etmek.

K

**Kebelek bolmak** — birine yhlas bilen hyzmat etmek, daşynda aýlanmak; kökenek bolmak.

**Kelebiň ujuny ýitirmek** — aljyrarňňylyk aralaşmak, näme etjegiňi bilmän galmak, ugruňy ýitirmek, çykalga tapyp bilmezlik.

**Kelle göçmek** — 1. Bir zada gyzyp göterilmek, kelle gyzmak.

Turkmencomkultur.

2. Galmagal; gykylyk, şowhun zerarly kelläň ýadamak, halys irmek.

**Kiçi dilden bärde aýtmak** — oýun edip diýmek, bir zady ýürekden, çynyň bilen aýtmazlyk.

**Köýnegine (donuna) sygmazlyk** — 1. Gaty begenmeklik, şatlanmaklyk, 2. Gaty semremek.

M

**Maňlaýy ak bolsun** — bagtly, bagty açyk bolsun, durmuşy oňat bolsun.

**Maňlaýyňy diremek** — haýyş bilen ýüzlenmek, haraý, dalda gözlemek, huzuryna barmak.

**Murtuny palta kesmez** — maddy taýdan üpjün, dokuzy düzüw; gujuryna baýrynýan, gaýratly, batyr.

N

**Namysyna degmek** — 1. Abraýdan düşmegine sebäp bolmak, mertebesini pese gaçyrmak, biabraý etmek. 2. El degirmek, zorlamak.

**Nazar salmak (etmek)** — 1. Birine ýa-da bir zada yhlasly garamak, syn etmek.

2. Göz-gulak bolmak, garaşyk etmek, kömek bermek, aladalanmak,

**Nebsiň agyrmak** — ýüregiň awamak, rehimiň inmek, haýpyň gelmek, gynanmak.

O

**Oda düşmek (girmek)** — agyr güne düşmek, azap çekmek, horluk görmek, kösenmek.

**Oda ýanmak (köýmek)** — hasrat çekmek, ejir görmek, gynanmak,

**Ody özüňe bas, ötmese kesekä** — özüňe agyr düşýän zady başga adamyň başyna atma, özüňe ýaramaýan zady başga birine etme.

**Orta çykmak** — zähmetde, güýç synanyşmakda özüňi görkezmek üçin iliň öňüňe çykmak.

Ö

**Ör-gökden gelmek** — oslamadyk, çak etmedik zadyň üçin geň galmak, haýran galmak.

**Öte geçmek (gitmek, düşmek)** — hetden aşmak, çenden çykmak, gereginden artyk bolmak.

**Özüňden gitmek** — bihuş bolup ýatmak, essiň aýylmak, çaşmak.

**Özüňi pes tutmak** — kiçigöwünli bolmak, ulumsylyk etmezlik.

**Özüni ýitirmek** — gyssanyp, howlugyp aljyramak näme etjegiňi bilmän durmak, başyň çaşmak.

P

**Paltaň daşa degmek** — şowuna düşmezlik, başa barmazlyk, ugruna bolmazlyk, eden tagallaň puç bolmak.

Turkmencomkultur

**Pes göwünli** — ulumsylyk etmeýän, sada, kiçi göwünli.

**Pikiri bölmek** — ünsi başga ýana sowmak, edýän pikiriň arasyna başga zat düşmak.

R

**Rejesi geň däl** — päli gowy däl, oňatlyk däl, niýeti erbet.

**Reňki öçmek** — ýüzünde gan-pet bolmazlyk.

S

**Sana geçmek (goşulmak)** — adam saýylmak, derege ýaramak, hasaba girmek.

**Sapalak atmak** — bir zady bahana edip, aldawa saljak bolmak, sypjyklyk etmek, sapajaklamak.

**Sesine suw sepilen ýaly bolmak** — ümsümlik bolmak, ses ýatmak, gykylygy-gowgasy peselmek, gopguny ýatmak.

**Sözüň agzyňda** — sözüňizi böleýin, az wagtlyk sabyr edip, gürrüňi bölenimi bagyşlaň.

**Sözüni ýere gaçyrmazlyk** — biriniň aýdýan gürrüňine doly üns bermek.

**Süýtde agzy bişen, suwy üfläp içer** — gatyny gören seresap, ätiýäçly bolar, ahmal bolmaz.

Ş

**Şahyna kakmak** — temmi bermek, öz ugruna göýbermezlik, çäre görmek.

**Şek ýetirmek** — dil etirmek, günälemek, aýyplamak.

**Şükür etmek** -— razy, kaýyl bolmak, kanagatlanmak.

T

**Taba gelmek** — 1. Ýer suwarylandan soň, sürüme taýyn bolmak.

2. Birneme özüňi tutmak, ysgyna gelmek, kadaly ýagdaýa gelmek.

**Tamda gulak bar** — agzyňa bek bol, äätiýäçly bol, seresap gürle.

**Tanapyndan çekmek** — birneme haý-küş etmek, çendenaşa erk bermezlik, öz ugruna göýbermezlik.

**Täze küýzäň suwy sowuk** — täze zadyň mazasy gowy, hemme zat ilkibaşda könä garanda oňat bolýar.

U

**Ugur tapmazlyk** — çykalga tapmazlyk, derek bilmezlik.

**Uly ile göz etmek** — bir işi hemmelere bildirmek, bir işi açaçan etmek, bassyr-bussursyz etmek.

Turkmenkultur.com

Ü

**Üm bilmez —** 1. Nadan, samsyk. 2. Kemala gelmedik, ýaş, gök.

**Üstünden barmak** — 1. Bilmek, tanamak. 2. Gönüläp aýtmak, gönülemek.

**Üstünden gülmek** — şahsyýeti kemsitmek, göwnüýetmezçilik etmek, masgaralamak, äsgermezlik etmek, ýaňsylamak.

W

**Wadaňy ýuwutmak (ýere salmak)** — beren sözüňde tapylmazlyk, ähtiňden dänmek.

**Watan tutmak** — mesgen tutmak, mydamalyk oturymly bolmak, ýurt tutmak.

Y

**Ynsabyň çatmak** — dözmek, gözüň gyýmak.

**Yz çalmak** — giden ugruny anyklamak, agtarmak, yzarlamak.

**Yzyna it salmak** — masgara edip kowup göýbermek.

**Yzyňy tapmazlyk (ýitirmek)** — ýalňyşlyga, aljyraňňylyga sezewar bolmaklyk.

Ý

**Ýüregiň agzyňdan çykyp barmak** — 1. Ýüregi aram tapmazlyk, karar etmezlik; alňasamak, howlamak. 2. Demiň-demiňe ýetmezlik, daljykmak.

**Ýüz bermezlik** — gadyrsyz garşylamak, sowuk-sala garnaşyk etmek, özüne öwrenişdirmeklik.

**Ýüzden geçmezlik** — sözünden dänip bilmezlik, sylamaklyk.

**Yüze gara çekmek** — masgara, wejera bolmak, nalajedeýinligiňi boýun almak.

**«Ýüzüň üstünde burnuň bar» diýmezlik** — edenine däl diýmezlik, towugyna tok diýmezlik.

Z

**Zym-zyýat bolmak** — ýom-ýok bolmak, gürüm-jürüm bolmak, gözden gaýyp bolmak,

**Zynjyrdan boşan ýaly** — dälilik hetdine ýeten, akylyny ýitiren, däli-telbelik ýagdaýynda bolan (adam barada)

Turkmencomkultur.